# SPORT SAGLYGYŇ GIREWIDIR

Asylly däbe görä, her ýylyň aprel aýynda Türkmenistanda hem Bütindünýä saglyk güni bellenilýär. Şu ýyl Bütindünýä saglyk gününde köp sanly sport çäreleri guralýar, olaryň arasynda Watanymyzyň ähli sebitlerini öz içine alýan däp bolan köpçülikleýin welosiped ýörişler has ähmiýetlidir.

Her ýyl Bütindünýä saglyk güni mynasybetli 7-nji aprelde guralýan çärelere gatnaşmaga höweseklериň sany artýar. Muňa mysal edip hem Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebinde talyp ýaşlaryň arasynda  sportyň estafeta, tanap çekmek, 100 metr aralyga ylgamak, şaşka, küşt, stol tenisi we kiçi futbol görnüşleri boýunça bäsdeşikler geçirildi.Mekdebimiziň talyplarynyň arasynda geçirilen   nobatdaky bäsdeşikler hem talyplara berk beden saglygyny, şähdaçyklygy, ruhybelentligi, ýakymly duýgulary bagyşlaýar. Sport bäsdeşiklerde 1-nji orna Weterinar lukmançylygy dersleri usuly birleşmesiniň talyplary, 2-nji orna Ykdysadyýet we dolandyryş dersleri usuly birleşmesiniň talyplary, 3-nji orna bolsa Gidromeliorasiýa dersleri usuly birleşmesiniň talyplary mynasyp boldular. Bäsdeşige gatnaşyjylara hormat hatlary we sowgatlar dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

**Maksad SAPARBAÝEW**
**Türkmen oba hojalyk institutynyň**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň Kärdeşler Arkalaşygynyň**
**ilkinji guramasynyň başlyg**y

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024